# Wepasy hakda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Wepasy hakda WEPASY HAKDA



Resulalla zamanyndan şygyr erdim,
Zenan imanyna wepasy hakda.
Bu waka kyssaýa, galamly ördüm,
Bir sahabaň eden wesýeti hakda.
Ol sahaba yslam üçin ýol çykan,
Zenanyna wesýet edinip bakan,
Diýipdir ojakdan çykma hiç haçan,
Zenanaň wesýete ygrary hakda.

Bu wesýetden bir nije gün ötendi,
Ol zenana şum habary ýetendi,
Atasy dertlidi hassa ýatandy,
Biçäräň bialaç ygrary hakda.

Bu habary Pygambere eltdiler,
Är hüküm wesýeti hakyn ýörtdüler,

Iman, ygrar, wada wepa örtdüler,
Resul diýdi är hökümi tutulsyn çakda.

Ýene nije günden habar bolundy,
Ol ata panydan baka salyndy,
Resuldan bu güne habar alyndy,
Diýdi äriň hökümi tutulsyn hatda.

Zenan är wesýetden dänmän neýleýip,
Pygamber emrine hormat eýleýip,
Ata didaryndan galyp ýyglaýyp,
Ýalňyz başyn gama örteýip dertde.

Alla Jebraýyldan buşlyk gönderdi,
Ol zenana hormat hakyn inderdi,
Atasyn hem gyzyn jennetlik erdi,
Allanyň bahasy imanlyk hakda.

Halmyrat ne ajap waka syr saldyň,
Zenan wepasyny imamdan bildiň,
Eý goç ýigit enäň, bajyň, ýaryňdyr aldyň,
Mähremler köňülde Eremdir hatda.

14.03.2024 ýyl. Goşgular